# Samed Behrengi

Category: Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025
Samed Behrengi

SAMED BEHRENGI

Samed Behrengi, eýranly meşhur azerbaýjan ýazyjysy, mugallym, folklorçy.

Samed Behrengi 1939-njy ýylyň 24-nji iýunynda Töwrizde Yzzat aganyň we Sara Hanymyň maşgalasynda dogulýar.

Tutuş Eýran boýunça syýahat edip, pars we azerbaýjan edebiýaty hakynda maglumatlar toplaýar we derňeýär. Halkyň dilinden düşmän gelýän tymsallary, hekaýatlary toplap, olary gaýtadan işleýär we täzeçe eserleri döredýär. Göräýmäge çagalara degişli ýaly bolup görünýän eserlerinde adalat, deňlik ýaly global meseleleri gozgamak bilen birlikde adalatsyzlyga garşy göreşmegiň ýollaryny salgy berýän kitaplary dünýä edebiýatynyň hazynasyna giren eserlerden birjigem pesde oturmaýar.

Öz döwrüniň şa režimine döredýän eserleri arkaly garşy gitmekden çekinmändir.
Samed Behrengi mugallymçylyk mekdebinde okapdyr we okuwyny tamamlandan soňra oba mekdeplerinde mugallymçylyk edipdir. Az salymlyk ömründe çagalara durmuşy hemmetaraplaýyn öwretmäge dyrjaşypdyr we mugallymlyk kärine wepaly bolupdyr.

Samed Behrengi 1967-nji ýylda 28 ýaşynda şübheli ýagdaýda Araz derýasynda gark bolup ölýär. Ýüzüp barýarka gark bolandygy barada aýdylsa-da, halk asla bu aýdylanlara ynanmaýar. Çünki, Samed Behrengi ýazýan eserleri bilen ýurduň başyna bela bolup çöken şa režimini aç-açan tankyt edýärdi. Şol sebäpli, onuň janyna kast edilendigi güman edilýär.
Ussat ýazyjynyň eserleri onlarça daşary ýurt dillerine terjime

edildi.

■ Eserleri:

1). "Bir bar eken bir ýok eken";
2). "Bir şetdaly müñ şetdaly";
3). "Kiçi gara balyk";
4). "Ýyldyz bilen gürleşen bäbek";
5). "Ýyldyzyñ gargalary";
6). "Kel gögerçinçi";
7). "Ulduz we gargalar";
8). "Bir günlük hyýal we hakykat";
9). "Görogly gelýär";
10). "Söýgi hekaýaty";
11). "Bir söýginiñ kyssasy";
12). "Kesir pişikler";
13). "Ak diş" we başgalar…

Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly